# Enelik buýsanjy / gysga ýumor

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Satiriki hekaýalar
написано kitapcy | 24 января, 2025
Enelik buýsanjy / gysga ýumor ENELIK BUÝSANJY

— Bo-ow, pani* Gubaçekowa, sizi görenime örän şat! Igorjyk, hany daýzaña «Salam!» diý. Bu näme size dilini görkezýär-ä? Hä, ýaňyja doktora bardyk, meň akyllyjamam şo taýda-da diljagazyny görkezdi.
Seniň bolşuň nähili, Igorjyk, bökjekläp palçyk syçradýaň-a? Hanha, daýzaň täze köýneginem hapaladyň. Zeleli ýok, pani Gubaçekowa, köýnegiňizi öýe baryp ýuwaýarsyňyz-da! Näme hiç zat göremok diýýäňizmi? Wiý, oguljygym ýüzüňize gum peşäýipdir, şondan ol. Näme diýdiňiz? Ony burçda goýmaly! Baý, sizem-ä pani Gubaçekowa, çaga terbiýesi hakynda köneçe pikirlenýän ekeniňiz-ow, asyl…
Igorjygym, bärik gel, gowusy, men seni gujagyma alaýyn-la. Pani Gubaçekowa, size näme boldy? Näme beýle ýüzüňizi çytýaňyz? Ah, asyl bu galtaman siziň saçyňyzdan çekýän eken-ä. Eý Hudaý, ütüp barýa-da bu seni!
Pani, siz nirä?.. Näme hoşlaşman-beýleki etmän ötägitdiňiz? Men entek adamym ikimiz dynç alyş öýündekäk, Igorjygyň atasydyr enesini ýerzemine salyp, daşlaryndan gulplaýşynam aýdamok ahyryn…
Ýeri, indi bu näm boldugyň — bir zat gürrüň berlip durka, diňlemän gaçmaň näme seň? Hän bildim, meniň oglumyň dogumjygyna göriplik edýänsiň! Görübilmeseň gözüň çyksyn!

Ewa SIGELOWA,
(ÇSSR).

«Edebiýat we sungat» gazeti, 1986.

---

***Pani** — (polýak sözi), Polşada, Çehiýada, Slowakiýada, şeýle-de Ukrainada we Belorussiýada ulanylýan we «hanym» (madam) sözi bilen manydaş söz. (Göçürijiniň belligi.)* Satiriki

hekaýalar